# Ýalňyzlyk adasy

Category: Çagalar edebiýaty,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýalňyzlyk adasy

ÝALŇYZLYK ADASY

Ýalňyz okeanda ýalňyz ada bar
Ýalňyz öý bar ortasynda adanyň.
Ýalňyz öýde ýalňyz adam ýaşaýar,
Ýalňyz pişigi bar ýalňyz adamyň.
Ýalňyz adam ýalňyz pişigi bilen,
Ýalňyz adadaky ýalňyz öýünde,
Ýalňyz ýaşamakdan halys bez bolan
Ýalňyz kişi hakda hiňlenýär günde.
Ýalňyz gämi barýar ýalňyz ýelkenli,
Ýalňyz ada ýalňyz gäminiň ugry.
Ýalňyz adam bulap ýalňyz telpegni,
Ýalňyz halasgärin çagyrýar: "Bäri"
Ýalňyz deňizçi bar ýalňyz gämide
Ýalňyz ýolbeledi ýalňyz adanyň.
Ýalňyz ýeňipdir ol tupan-gomy-da,
Ýalňyz dosty, çünki ýalňyz adamyň.
Ýalňyz adam alyp ýalňyz pişigin
Ýalňyz dosty – ýalňyz deňizçi bilen,
Ýalňyz öýüň ýapyp, ýalňyz işigin,
Ýalňyz gämä münýär, yzyndan gelen.
Ýalňyz ada dönýär ýalňyz nokada,
Ýalňyz gämi barha aldykça bady…
Ýalňyz okean ýok, ýok öý, ýok ada,
Ýalňyz wagtym tosladym beýle zady.

Çagalar edebiýaty